
Türkmenistanyň Gyzyl Ýarymaý Milli jemgyýeti

Национальное общество Красного Полумесяца Туркменистана

«TÜRKMENISTANYŇ GYZYL ÝARYMAÝ MILLI JEMGYÝETINIŇ IŞGÄRLERI ÜÇIN GIRIŞ KURSY»



«ВВОДНЫЙ КУРС ДЛЯ СОТРУДНИКОВ НАЦИОНАЛЬНОГО ОБЩЕСТВА КРАСНОГО ПОЛУМЕСЯЦА ТУРКМЕНИСТАНА»



Anri Dýunan
1828-1910

Gyzyl Hajyň we Gyzyl Ýarymaýyň Halkara hereketiniň esaslandyryjysy

«Türkmenistanyň Gyzyl Ýarymaý Milli jemgyýetiniň işgärleri üçin giriş kursy»

«Türkmenistanyň Gyzyl Ýarymaý Milli jemgyýetiniň işgärleri üçin giriş kursy» näme üçin gerek.

Bu kurs Türkmenistanyň Gyzyl Ýarymaý Milli jemgyýetinde (TGÝMJ) işe başlaýan işgärlere kömek bermek üçin düzüldi. Öz işiniň üstünlikli guralmagyna gyzyklanýan Milli jemgyýet ähli işgärleriň we hususan-da TGÝMJ-niň işine goşulýan täze işgärleriň professionalizminiň meselelerine uly ähmiýet berýär. «Täze gelenleriň» tertipnamalaýyn talaplaryny, işiniň ugurlaryna, görnüşlerine öz wagtynda we dogry aň ýetirmekleri we olary durmuşa geçirmegi başarmaklary köp derejede degişli ugurlarda öz gulluk abraýlarynyň we Milli jemgyýetiň işiniň netijeliligine baglydyr.

Täze işgärleriň Milli jemgyýetdäki wezipelerine üstünlikli girişmekleri üçin 2010-njy ýyldan başlap çäreleriň toplumy amala aşyrylýar. „Türkmenistanyň Gyzyl Yarymaý Milli jemgyýetiniň işgärleriniň uýgunlaşmagynyň" düzgünine laýyklykda TGÝMJ-niň welaýat bölümlerinde we merkezi derejelerinde Jemgyýet, onuň guramaçylyk aýratynlyklary, kadalaşdyryjy-hukuk özara gatnaşyklary, işiniň ugurlary we görnüşleri hakynda işgärlerde bütewi düşünje döretmek üçin diňe bir tanyşdyryş däl, eýsem öwrediji dersler hem geçirilýär.

Uýgunlaşmak meýilnamalaýyn tertipde, adatça işgäriň göni ýolbaşçysynyň başlamagynda 3 aýyň dowamynda amala aşyrylýar. Işjeň okatmagyň we öz-özüňi taýýarlamagyň bu döwründe işgäriň professional bilimine, täze ýerde onuň uýgunlaşmagyna, eýeleýän wezipesine laýyklygyna baha berilýär.

Jemgyýet tarapyndan tutuş täze işgärleriň uýgunlaşmagy boýunça geçirilýän iş olaryň wezipä üstünlikli girişmegine ýardam edýär. Ýöne alnan bilimleri dogry özleşdirmegine we peýdalanmagyna işgärleriň özleri tarapyndan ýeterlik ähmiýet berilmeýär. Muny nazara alyp, „Giriş kursy" amaly häsiýetli käbir maslahatlary teklip edýär.

Nämeden başlamaly? Nämäniň esasynda öz işiňi maksada gönükdirip guramaly, wezipe borçlaryny nähili üstünlikli ýerine

ýetirmeli? Bu we şonuň bilen baglanyşykly beýleki meseleler örän möhümdir we täze işgäriň aýratyn üns bermegini talap edýär.

TGÝMJ-niň merkezi edarasynyň ýa-da welaýat bölüminiň iş ulgamyna üstünlikli goşulmak üçin diňe bir «Türkmenistanyň Gyzyl Ýarymaý Milli jemgyýeti hakynda» Türkmenistanyň Kanuny, Türkmenistanyň Gyzyl Ýarymaý Milli jemgyýetiniň Tertipnamasy, «Jemgyýetçilik birleşikleri hakynda» Türkmenistanyň Kanuny, «TGÝMJ-nda agzalyk hakynda Düzgünnama», «Türkmenistanyň Gyzyl Ýarymaý Milli jemgyýetiniň meýletinçiler bilen işlemek hakynda Düzgünnama», «TGÝMJ-niň welaýat we ýerli bölümleri hakynda Düzgünnama» ýaly Jemgyýet üçin esas goýujy resminamalary ozaly bilen diňlemek däl-de, eýsem çuňňur öwrenmegiň gerekdigini tejribe görkezýär.

Şol bir wagtda: «TGÝMJ-nde içerki düzgün-tertip kadalary», «TGÝMJ-nde özara zähmet gatnaşyklarynyň etiki kadalarynyň Kodeksi» ýaly beýleki binýatlaýyn resminamalary hem özleşdirmek gerek.

Düşünmek üçin we hereket etmäge amaly gollanmanyň esasy «2011–2015-nji ýyllar üçin TGÝMJ-niň işiniň strategiýasy», «2012–2015-nji ýyllar üçin TGÝMJ-ni ösdürmek boýunça meýilnama» ýaly möhüm resminamalar bolup duryar.

Resminamalaryň görkzilen sanawy TGÝMJ-nde kabul edilen ähli zerur resminamalary aradan aýyrmaýar we «Giriş kursy» jikme-jik usulyýet maslahatlaryny bermeýär, eýsem täze işgärleriň ünsüni esasy pursatlara çekýär.

Wezipä girişmegiň başyndan tutuş TGÝMJ-niň wezipelerine, işiniň ugurlaryna we görnüşlerine çuňňur akyl ýetirmek mehanizmini öz içine almagy we wezipäni ýerine ýetirmek üçin zähmet şertnamasynyň baglaşylmagy (gol çekilmegi) örän möhümdir. Işe ýüzleý çemeleşmek aradan aýrylmalydyr. Esasy zat – buýruk beriji, meýilnamalaýyn we kadalaşdyryjy resminamalary ýerine ýetirmek üçin öz işini guramaga we onuň netijelerine jogapkärli garamakdyr. Şeýle ugur her bir gulluk ýagdaýynda möhümdir. Ynha, eger haýsydyr bir sebäbe görä täze işgäri zerur resminamalar, mysal üçin, wezipe gollanmasy ýa-da bölüm hakyndaky düzgünnama bilen öz wagtynda tanyşdyrmasalar, onda onuň özi olary soramalydyr. Eger haýsydyr bir meseleler,

tabşyryklar anyklanman galsa, onda maslahatlar üçin ýüz tutmagy gerek.

Zerur resminamalary gullukda peýdalanmagyň dolulygy we amatlylygy üçin olaryň nusgasyny almak we aşakdaky görnüşler boýunça ýerleşdirip, aýratyn papkada döretmek bolar:

Meýilnama resminamasy – TGÝMJ-niň strategik, ýyllyk meýilnamalary, merkezi edaranyň bölüminiň (welaýat bölüminiň) iş meýilnamalary.

Buýruk berijilik resminamasy – TGÝMJ-niň ýolbaşçy organlarynyň: TGÝMJ-niň gurlutaýlarynyň, TGÝMJ-niň Merkezi geňeşiniň TGÝMJ-niň welaýat bölüminiň konferensiýalarynyň kararlary, TGÝMJ-niň baş direktorynyň, TGÝMJ-niň welaýat bölüminiň başlygynyň buýruklary;

Kanunçylyk, kadalaşdyryjy-hukuk binýady – munuň özi Türkmenistanyň Kanunlary, TGÝMJ-nde hereket edýän düzgünnamalar, gollanmalar;

Hasabat resminamasy – munuň özi jemlenen we işiň ugurlary boýunça TGÝMJ-nde hasabatlaryň maliýe, statistik, ýazgy we beýleki görnüşleri.

Resminamalary diňe bir öwrenmeli däl, eýsem olaryň bölümleri, bentleri bilen gündelik işiň arasynda paýhasly aragatnaşygy ýola goýmak gerek. Ynha, Jemgyýetiň maksatlary, wezipeleri we işiniň görnüşleri hakynda TGÝMJ-niň Tertipnamasynyň 2-nji, 3-nji bölümlerini hasaba almak bilen, aşakdakylary bilmek üçin özi üçin anyk maglumatlary ýygnamak we ýazmak maksada laýykdyr:

- hut haýsy bölümler ýa-da işgärleriň haýsysy lukmançylyk-durmuş ugrunyň, adatdan daşary ýagdaýlaryň, guramaçylyk ösüşiniň, agzalygyň, meýletinçiligiň, maliýe, maddy binýadyň meseleleri bilen meşgullanýar?

- TGÝMJ-niň haýsy taslamalary, maksatnamalary bu ugurlar boýunça hereket edýär? Kim olary utgaşdyrýar?

TGÝMJ-niň Tertipnamasynyň 6-njy, 7-nji, 8-nji bölümleri boýunça aşakdakylary anyklamak möhümdir:

- TGÝMJ-niň welaýat bölümleri nirede hereket edýär?

Olaryň başlyklarynyň familiýalary, atlary.

- TGÝMJ-niň Merkezi geňeşiniň, ynsanperwer kömegini bermegiň derhal meseleleri boýunça toparyň düzümine kim girýär? Soňky döwürde olar tarapyndan nähili kararlar, çözgütler kabul edildi?

Iş tejribä «Türkmenistanyň Gyzyl Ýarymaý Milli jemgyýeti hakynda» Türkmenistanyň Kanunyny maksada gönükdirip goşmak gerek. Jemgyýetiň hukuk statusyny, ýurduň döwlet edaralary, Halkara Gyzyl Haç we Gyzyl Ýarymaý hereketiniň düzüm bölekleri bilen onuň aragatnaşyklarynyň hukuk esasyny kesgitläp, bu möhüm resminama köp ugurlar boýunça, şol sanda TGÝMJ-niň ykdysady binýadyny pugtalandyrmak, döwlet edaralary bilen Gyzyl Ýarymaýyň hyzmatdaşlyk çygrynda TGÝMJ-niň wezipelerini çözmegiň anyk ýollaryny kesgitlemäge kömek berýär.

«2011–2015-nji ýyllar üçin TGÝMJ-niň strategiýasy» we TGÝMJ-niň ýyllyk meýilnamalary öwrenilende olaryň diňe bir çäreleriň jemi däldigine, eýsem yzygiderli aragatnaşykdygyna: işiniň maksatlaryna, wezipelerine, ugurlaryna, işiniň görnüşlerine, garaşylýan netijelere üns bermek möhümdir. Munuň özi emeli däl-de, eýsem logiki taýdan zerur aragatnaşykdyr: oýlanyşykly maksatlaryň, wezipeleriň, olary çözmegiň we ahyrky netijeleri görmegiň ýollaryny, görnüşlerini kesgitlemegiň esasynda çäreleri üstünlikli kabul etmek mümkin.

TGÝMJ-niň jemlenen meýilnamalarynyň düýp manysyna düşünmek işgäre şahsy iş meýilnamasyny dogry düzmäge, bölümiň iş meýilnamasyny düzetmäge we olary durmuşa geçirmegiň hasabatlaryny degişlilikde düzmäge kömek eder.

Öz wezipesi boýunça iş ulgamyny özleşdirip, işe başlaýan işgäre ýolbaşçy kollegial edaralaryň kararlaryny öwrenmegi we peýdalanmagy ilkinji nobatdaky meseleleriň hataryna goşmak gerek. Ozaly bilen, elbetde, işgäriň işiniň ugruna degişli TGÝMJ-niň Merkezi geňeşiniň (TGÝMJ-niň welaýat bölüminiň Geňeşiniň kararlarynyň), şeýle hem kesgitli döwür üçin TGÝMJ-niň işiniň jemlerini jemlemek boýunça kararlarynyň üstünde işlemek gerek. Buýruk beriji resminamalar ýerine ýetirmek üçin hökmanydyr. Kada bolşy ýaly, olar işiň netijeleri boýunça seljermäni, netijeleri we hereket etmek üçin anyk wezipeleri özünde saklaýarlar.

Her bir işgäre, aýratyn-da başlaýjy işgäre diňe bir öz iş ugry boýunça däl-de bilimleriň toparyna mümkin boldugyça çalt girmegi möhümdir. Gyzyl Haç we Gyzyl Ýarymaý Halkara hereketiniň ýörelgeleri, onuň düzüm bölekleriniň taryhy hakynda, Türkmenistanyň Gyzyl Ýarymaýy we beýleki Milli jemgyýetler hakynda anyk bilimleriň möçberleriniň örän giňdigi aýratyn ähmiýete eýedir.

Türkmenistanyň Gyzyl Ýarymaýy hakynda bütewi düşünje bermek üçin gysgaça beýanda şu aşakdaky bölümler hödürlenilýär:

Biz kim?

Türkmenistanyň Gyzyl Ýarymaý Milli jemgyýeti adamlaryň jebir çekmeginiň öňüni almakdan we ýeňletmekden, adamyň ömrüni we saglygyny goramakdan, ýaragly dawalarda, adatdan daşary ýagdaýlarda, tebigy betbagtçylyklarda adamyň mertebesiniň hormatlanmagyny üpjün etmekden, keselleriň öňüni almak, saglygy goraýyşy we durmuş üpjünçiligini ösdürmek boýunça işler bilen meşgullanmakdan, şeýle hem ynsanperwerlik we adamlara rehim etmek düşünjelerini hemmetaraplaýyn ýaýratmakdan we öňe sürmekden ybarat bolan ynsanperwer maksatlara wepalylyga esaslanandyr. Milli jemgyýet öz wezipesini ýerine ýetirmek bilen, Gyzyl Haç we Gyzyl Ýarymaý Halkara hereketiniň aşakdaky ýaly kesgitlenen esas goýujy ýörelgelerine pugta eýerýär:

Ynsanperwerlik. Hereket adamyň durmuşyny we saglygyny goramalydyr, adam mertebesiniň hormatlanmagyny üpjün etmelidir. Ol halklaryň arasynda özara düşünişmegi, dostlugy, hyzmatdaşlygy we parahatçylygy ýola goýmaga ýardam edýär.

Tarap çalmazlyk. Adamlaryň milleti, dini alamatlary, haýsy jynsa degişlidigi we syýasy garaýyşlary boýunça hiç hili kemsidilmegine ýol berilmeýär. Ol adamlaryň ejir çekmegini ýeňilleşdirmäge, ilkinji nobatda, olara gaýragoýulmasyz kömegiň berilmegine çalyşýar.

Bitaraplyk. Hereket ählumumy ynanyşmagy saklamak üçin dawa-jenjellerde hiç bir tarapyň bähbidini almaýar, ol hiç haçan syýasy, dini ýa-da aňyýet häsiýetli jedellere gatnaşmaýar.

Garaşsyzlyk. Hereket garaşsyzdyr. Milli jemgyýetler ynsanperwerlik babatynda öz ýurtlarynyň hökümetleriniň

kömekçileri we öz ýurtlarynyň kanunlaryna tabyn bolmak bilen, hereketiň ýörelgelerine laýyklykda hereket edip bilmek üçin mydama özbaşdaklygy saklamalydyr.

Meýletinlik. Ynsanperwerlik kömegi meýletinlik esasda berilýär. Hereket hiç jähtden peýda görmeklige düýbünden çalyşmaýar.

Ýeke-täklik. Ýurtda Gyzyl Hajyň ýa-da Gyzyl Ýarymaýyň diňe bir milli jemgyýeti bolup biler. Ol hemmeler üçin açyk bolmalydyr we ýurduň ähli çäginde öz ynsanperwerlik kömegini amala aşyrmalydyr.

Köptaraplylyk. Halkara Gyzyl Haç we Gyzyl Ýarymaý hereketi bütindünýä hereketidir. Hereketiň çäklerinde ähli milli jemgyýetleriň deň derejesi bardyr we birek-birege kömek bermekde deň jogapkärçiligi çekýärler we olaryň deň borçnamalary bardyr.

TGÝMJ ynsanperwer çygyrda döwlet edaralaryna gatnaşygy boýunça kömekçi wezipeleri ýerine ýetirýär we Türkmenistanyň Konstitusiýasyna, Türkmenistanyň Raýat kodeksine, «Jemgyýetçilik birleşikleri hakynda», «Türkmenistanyň Gyzyl Ýarymaý Milli jemgyýeti hakynda», «Gyzyl Ýarymaýyň we Gyzyl Hajyň nyşanyny peýdalanmak we goramak hakynda» Türkmenistanyň Kanunlaryna, Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy-hukuk namalaryna, öz Tertipnamasyna laýyklykda hereket edýär. Milli jemgyýet öz işinde 1949-njy ýylyň Ženewa konwensiýalaryndan we olara 1977-nji ýylyň goşmaça teswirnamalaryndan, Gyzyl Hajyň we Gyzyl Ýarymaýyň halkara hepreketiniň Tertipnamasyndan, Gyzyl Hajyň we Gyzyl Ýarymaýyň Halkara konferensiýalarynyň rezolýusiýalaryndan, Gyzyl Hajyň we Gyzyl Ýarymaýyň Halkara hereketiniň wekilýetleriniň geňeşiniň rezolýusiýalaryndan, Gyzyl Haç we Gyzyl Ýarymaý jemgyýetleriniň Halkara Federasuiýasynyň Konstitusiýasyndan, Gyzyl Haç we Gyzyl Ýarymaý jemgyýetleriniň Halkara Federasiýasynyň Baş assambleýasynyň kararlaryndan goldanýar.

Türkmenistanyň Prezidentiniň «Türkmenistanyň Gyzyl Ýarymaý jemgyýeti hakynda» 1992-nji ýylyň 23-nji martyndaky № 658 Kararyna laýyklykda TGÝMJ-i öz işini Gyzyl Haç we Gyzyl Ýarymaý Halkara hereketiniň Esas goýujy ýörelgelerine laýyklykda

amala aşyrýan, Türkmenistanyň çäginde ýeke-täk jemgyýetçilik özbaşdak gurama diýlip ykrar edildi.

1995-nji ýylyň awgustynda TGÝMJ-i Gyzyl Hajyň Halkara Komiteti tarapyndan ykrar edildi we 1995-nji ýylyň noýabryndan TGÝMJ-i Gyzyl Haç we Gyzyl Ýarymaý Jemgyýetleriniň Halkara Federasiýasynyň doly hukukly agzasydyr.

TGÝMJ-i gyzyl ýarymaýyň nyşanyny ulanýar. Nyşany ulanmagyň kadalary «Gyzyl ýarymaýyň we gyzyl hajyň nyşanyny ulanmak we goramak hakynda» Türkmenistanyň Kanuny, şeýle hem 1949-njy ýylyň Ženewa konwensiýalary, olara 1977-nji ýylyň Goşmaça Teswirnamalary, Gyzyl Hajyň ýa-da Gyzyl Ýarymaýyň nyşanyny ulanmak boýunça wekilýetleriň geňeşi tarapyndan gaýtadan gözden geçirilen (Budapeşt, 1991 ý), XX Halkara konferensiýasy tarapyndan kabul edilen (Wena, 1965 ý.) Kadalar bilen düzgünleşdirilýär.

Gyzyl Ýarymaý Milli jemgyýeti öz işini welaýat, şäher we etrap bölümleriniň giň ulgamynyň üsti bilen ýurdumyzyň bütin çäginde amala aşyrýar. Jemgyýetiň düzüminde 170 000 müňden gowrak hakyky agzalary we onuň işine işjeň gatnaşýan taýýarlanan meýletinçileriň üç müňden gowragy bardyr.

TGÝMJ-niň ileri tutulýan iş ugurlary:

- sanitariýa-ağ-bilim işini geçirmek, ilatyň has gowşak goralan gatlaklaryny durmuş taýdan goldamak, dürli keselleriň, şol sanda inçekeseliň, neşekeşligiň we AIW/AIDS-iň öňüni almak arkaly ýurduň raýatlarynyň saglygyny goramakda döwlet gurluşlaryna ýardam etmek;
- dürli ýagdaýlarda lukmana çenli ilkinji kömek bermegiň endiklerini ilata öwretmek;
- ýaş nesli rehimdarlyk, ýakynlaryňa duýgudaşlyk bildirmek we ýüregi awamak ruhunda, öz başlangyjyny çuňňur gadymdan alyp gaýdýan we nesilden-nesle berilýän türkmen halkynyň iň gowy däplerinde terbiýelemek;
- adatdan daşary ýagdaýlarda we tebigy betbagtçylyklarda özüňi alyp barmagyň kadalaryny ilata öwretmek;
- Halkara ynsanperwer hukugy we Gyzyl Haç hem-de Gyzyl Ýarymaý Halkara hereketiniň Esas goýujy ýörelgeleri hakynda jemgyýetçiligiň arasynda bilimleri ýaýratmak;

- taryhyň pajygaly wakalary, tebigy betbagtçylyklar we beýleki adatdan daşary ýagdaýlar netijesinde jyda düşen dogan-garyndaşlary gözläp tapmak bolup durýar

Bu ähli dürli taraply işler 2011–2015-nji ýyllaryň döwri üçin Jemgyýetiň strategik meýilnamalaryny we 2020-nji ýyl üçin Gyzyl Haç we Gyzyl Ýarymaý jemgyýetleriniň Halkara Federasiýasynyň strategiýasyny hasaba almak bilen guralýar.

Milli jemgyýetiň strategiýasy Türkmenistanyň Gyzyl Ýarymaýynyň ähli agzalaryna, meýletinçilerine we işgärlerine öz ýagdaýlaryny gowulyga üýtgedip, öz bilimlerini we döredijilik ukyplaryny peýdalanyp, iş ýüzünde gatnaşmaga mümkinçilik berýär.

Esasy düşünjeler:

Gyzyl Hajyň we Gyzyl Ýarymaýyň Halkara hereketi - ynsanperwerlik işini has netijeli amala aşyrmak maksady bilen, Gyzyl Hajyň Halkara Komitetiniň, ol tarapyndan ykrar edilen Gyzyl Haç ýa-da Gyzyl Ýarymaý jemgyýetleriniň, şeýle hem Gyzyl Haç we Gyzyl Ýarymaý jemgyýetleriniň Halkara Federasiýasynyň arasyndaky hemişelik arkalaşykly hereketiniň guramaçylyk görnüşi;

Gyzyl Hajyň Halkara Komiteti - maksatlary we wezipeleri diňe ynsanperwer häsiýete eýe bolup, ýaragly çaknyşyklar zerarly ejir çeken adamlaryň janyny we mertebesini goramakdan we olara kömek bermekden ybarat bolan halkara gurama;

Gyzyl Hajyň we Gyzyl Ýarymaýyň Halkara konferensiýasy - Gyzyl Hajyň we Gyzyl Ýarymaýyň Halkara hereketiniň düzüm böleklériniň wekilleriniň we 1949-njy ýylyň 12-nji awgustyndaky Ženewa konwensiýalaryna (mundan beýläk - Ženewa konwensiýalary) we olara degişli 1977-nji ýylyň 8-nji iýunyndaky Goşmaça teswirnamalara (mundan beýläk - Goşmaça teswirnamalar) gatnaşyjy döwletleriň wekilleriniň halkara konferensiýasy;

Gyzyl Haç we Gyzyl Ýarymaý jemgyýetleriniň Halkara Federasiýasy - Gyzyl Haç we Gyzyl Ýarymaý jemgyýetleriniň ynsanperwerlik işini halkara derejesinde utgaşdyrmak maksady bilen döredilen we Gyzyl Hajyň Halkara Komiteti tarapyndan ykrar